# BAŞ DIREKSIÝA

# IÇKI NOTA # 070

Maksady : Dabaraly açylyşlar 01-04-2011

Alyjylar : BY TK şereketiniň ähli işgärleri

Sene : 04-04-2011

---

Gadyrly kärdeşler,

Siziň bilşiňiz ýaly, 2011-nji ýylyň 1-nji apreli Buig Turkmen we Buig Batiman Internasional şeýle-hem ähli BUIG topary üçin ýatdan çykmajak gün bolup galar.

Çünki biz, Türkmenistanyň Prezidentiniň we döwletiň beýleki resmi ýolbaşçylarynyň, Marten Buigiň, Oliwýe Buigiň we Oliwýe-Mari Rasiniň gatnaşmagynda Arçabil şaýolynyň ugrunda 7 sany desgany açdyk:

Daşary Işler Ministrligi,
Bilim Ministrligi,
Galkynyş binasy,
Oba hojalyk Ministrligi,
Aragatnaşyk Ministrligi,
Gurluşyk Ministrligi,
Nebit we gaz instituty

Şol gün bize Marten Buige gurluşygy tamamlanan Prezident Köşginiň binalar toplumynyň taslamasyny (Prezident Diwanynyň wekilleriniň gatnaşmagynda) we Uniwersitetiň 4-nji tapgyrynyň taslamasyny hödürlemäge miýesser etdi - – bu 2 taslamalaryň gurluşygy tamamlanan.

We şol ajaýyp güniň ahyrynda biz täze şertnamalara (Täze Myhmanhana, Gümrük gullugy, Adalat Ministrligi we Maliýe Ministrligi) gol çekdik we mundan başgada Prezident Köşginiň binalar toplumynyň resmi açylyş gününde, ýagny 18-nji Maýda ýene-de 4 sany şertnama gol çekip bileris diýip bizi ynandyrdylar.

Bu ajaýyp täzelikler siziň her biriňiziň ýerine ýetiren işleriňiziň miwesidir. Çünki, hakykatdan-hem, Buig Turkmen şereketiniň her bir işgäri, kim bolup we nirede işleýänligine garamazdan, şu netijä ýetmekde we şu güniň biziň ýadymyzda we ähli toparyň ýadynda ýatdan çykmajak gün bolup galjaklygyna öz goşandyny goşdy.

Aýratyn hem şu nokatda durasym gelýär, bu beýlekilerden has-da möhümdir diýip hasap edýän, çünki bilşimiz ýaly, Tehbazanyň, Tehniki direksiýanyň, Satyn alma we logistika bölüminiň, şol sanda umumy gulluklaryň, Maliýe we admiyistratiw direksiýanyň, Hil bölüminiň, Işgärler bölüminiň we ş.m. kömegi bolmadyk ýagdaýynda, bu işleriň ählisini biziň toparlarymyz ekelikde tamamlap bilmezdi.

Her gün biziň adymyzy goramak üçin şonuň bilen birlikde Buýrujulara hünärmenligimizi we biziň binalarymyzyň ýokary hilliligini subut etmek üçin önümçilik toparlarynyň we tehbazanyň hemişeki gatnaşygy bolmadyk bolsa, hiç haçan Kommersiýa bölümi ýalňyz başyna bu 4 sany täze şertnamalary taýýarlap bilmezdi.

Bu aýdylanlaryň hemmesi käbirleriňiz üçin aýdyňdyr, ýöne täzeden gaýtalanmagy gerek bir möhümlilikdir diýip pikir edýän.
Hemmämizi birleşdirýän topar bolup we biri-biriňi goldamak esasynda işlemeklik bu kynçylyklary ýeňmekligimize ýardam edendigine, we gelejekde-de öňümüzdäki taslamalar üçin bulary görkezjekdigimize Men doly ynanýaryn.

Bu soňky aýlar görkezen hünärmenligiňiz, yhlaslylygyňyz, we goşandyňyz üçin size tüýs ýürekden we gyzgyn sagbolsun aýdýaryn.
Siz ýaly işgärlerimiziň bardygyna ähli Direktorlar Geňeşiniň we öz adymdanam buýsanýandygymyzy we minetdarlyk bildirýändigimizi size tassyklaýarys.

Siziň käbirleriňize Marten Buigyň we Oliwýe-Mari Rasinyň aprel aýyň 1-däki çykyşyny diňlemek nesip etdi, baryp bilmediklere Olaryň hem size bolan gutlaglaryny we minetdarlyklaryny size ýetirmek wajyp hasap edýärin.

Soňky aýlar siziň ýoklugyňyzdan ejir çeken maşgala agzalaryňyza (aýallaryňyza/adamyňyza we çagalaryňyza) meniň minetdarlygymy ýetirmegiňizi sizden haýşt edýärin, çünki olaryň goldawy bolmadyk ýagdaýynda bu zatlaryň bolmajagy hem mälim.

Soňunda, pursatdan peýdalanyp biziň öňki hyzmatdaşlarymyza, kömekçi potratçylara, we olaryň işgärlerine, biziň taslama we binagärçilik bölümlerimize, maslahatçylarymyza, üpjün edijilerimize we başka içki we daşky Direksiýalara minetdarlygymy bildiresim gelýär, çünkü ýokarda agzalanlaryň hem kömegi bolmadyk bolsa häzirki üstünlikler amala aşmazdy, sebäbi soňky aýlardaky bu ägirt uly işleri biz ýeke başymyza alyp çykyp bilmezdik. Olary meniň hem, Buig Türkmen Direktorlar Geňeşiniň ähli agzalarynyň adyndan gytlamagy we minetdarlygymyzy ýetirmegi unutmaň.

Siziň bilşiňiz ýaly, bize täze amala aşyrmalar garaşýar, ýöne biz olaryň ählisiniň amala aşmagyna şol ussatlyk ruhy bilen başarjakdygymyza doly ynanýaryn.

Ýene bir gezek köp sag bolsun aýdýaryn,

Tüýs ýürekden hormatlamak bilen,

**Mişel OŞE**
**Baş Direktor**
**BUIG TÜRKMEN**